# Kitap zyñma we ýakma wakasy

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kitap zyñma we ýakma wakasy KITAP ZYÑMA we ÝAKMA WAKASY




15-nji iýuldan soñ ildeşlerimiz tarapyndanam, kitaphanalaryñ işgärleri tarapyndanam Fethullah Güleniñ ýazan kitaplary bilen bu jemagatyñ neşirlerine garşy gönükdirilen arassaçylyk işleriniñ başlanandygy görülýär. Ýakylan kitaplar bilen bir hatarda korobkalara we haltalara salnyp, zibil ýaşşikleriniñ ýanyna zyñylan türk dilindäki kitaplaryñ ýanynda arap ýazuwyndaky kitaplaram göze ilmäge başlady. Konýadaky kitaphanalar bolsa eýýäm Fethullah Gülene degişli kitaplary we bu jemagatyñ çykaran žurnallaryny kataloglaryndan çykaryp, bir gyra zyñyp ýetişipdir.
Akşehirde bir raýat öýüniñ howlusyndaky tamdyrda kitap ýakyp durka ele salnypdyr. Polisiýa işgärleri öýi barlanlarynda «Fethullahçy terrorçy guramanyñ we Parallel döwlet toparlanşygynyñ (FETÖ/PDT) baştutany Fethullah Güleniñ ýazan kitaplarynyñ ýakylmaga synanyşylandygyny anyklapdyr. Olar öý eýesini sorag etmek üçin polisiýa bölümine äkidipdir.
Habar portallarynyñ birinde berlen habarda: «FETÖ-çylara garşy geçirilen operasiýalaryñ yzyndan «ätiýaçlyk üçin» Güleniñ kitaplaryny zibile zyñan jemagatyñ agzalary Bitlisiñ Tatwan etrabynda Güleniñ kitaplary bilen birlikde Kurany-Kerimleri-de källere zyñdy» diýilýär. Zyñylan arap ýazuwyndaky kitaplaryñ haçan «Kurany-Kerime» öwrülip ýetişendigini-hä bilemok welin, bular ýaly habarlary bermek etiki taýdanam, ahlak taýdanam metbugat-neşir ýörelgelerine gabat gelmeýär.




* * *

Kitap ýakma bolgusyzlygy bizde 1980-nji ýylyň 12-nji sentýabr döwlet agdarlyşygyndan galan ýaramaz nysakdyr. «Gadagan edilen we jemgyýeti bölýän neşirler» kategoriýasyna girizilen kitaplaryň arasynda Karl Marksyň, Leniniň, Engelsiň, Mao Szedunyň kitaplary, başga-da çepçi we kommunistik žurnallaram bardy. Sagçy-çepçi taraplar, olaryň hossarlary harby we hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriň öýlere dökülende öýlerindäki kitaplaryny gorkudan ýaňa ýa ýakýardylar ýa-da poçta arkaly başga ýurtda ýaşaýan tanyşlaryna ugradýardylar.

Men şahsy kitaphanamdaky Marksyñ, Leniniñ kitaplarynyñ birinem ýakmadym. Az-kem gorkup we samsyklaç hereket edip, ikinji ýoly saýlap alypdym. «12-nji sentýabryñ» harby diktaturanyñ nökerleri şeýle kitaplaryñ we žurnallaryñ ýerine erotiki neşirleri, “Erkekçe-Kadınca” ýaly žurnallary çykarmagy ýola goýupdylar. «Kapasa» («Kafes») çeper filmi şol dokumentlere salgylanyp surata düşürilipdir.




Olaryñ düýp maksady ýaşlaryñ ahlagyny bozmakdy. Hakyky ýakylmaly kitaplar we žurnallar bolsa şol erotiki neşirlerdi.

1978-1979-njy ýyllarda «Yeşilçam» kinostudiýasynda erotiki kinofilmler tolkuny başlapdy.
Aýtjak bolýanym, biziñ adamlarymyz 30-40-njy ýyllarda Kurany-Kerimleri žandarmanyñ duýdansyz barlagyndan gorkup nirä saklajagyny ýa-da gömjegini bilmeýişleri ýaly, Kuran okaýandyklary üçin basyşa uçrap äkidilenlerinde-de, başlaryna nämeleriñ gelip biljegini çaklaberiñ. Ýaşulylarymyz şol agyr ýyllary bize gürrüñ berenlerinde, nähili sütemlere uçrandyklaryny durşumyz bilen gulaga öwrülip diñleýärdik.
* * *

Häzir kitap ýakma we ýok etme wakalaryndan başga-da «FETÖ/PDT» şübhesi bilen döküş geçirilen mekdep, öý, zawod-fabrik, hassahana ýaly ýerleriñ ýyladyşhanalaryñ (otopleniýe) peçlerinde resminamalary we iş bukjalary ýakma hadysalary-da ýygy-ýygydan bolup dur.
Döwletiñ resmi we resmi däp edara-kärhanalarynda, guramalarynda FETÖ toparynyñ agzalary tarapyndan häzire çenli ýakylyp ýok edilen resminamalaryñ we iş bukjalaryñ akybetini bilýän barmy?
Döwletiñ hukuk goraýjy edaralary özlerine ýa-da degişli ýerlere berlen habarlary wagtynda seljermeleri derñew işleriniñ alnyp barlyşy taýdanam nähili derwaýysdygyny bilýändirler diýip pikir edýärin.

- **“GÜLEN MRU-nyñ JANSYZY»**

Russiýanyñ Dumasynyñ deputaty we Dumanyñ bilim boýunça komissiýasynyñ başlygy Wýaçeslaw Nikonow Fethullah Güleniñ ABŞ-nyñ MRU-siniñ (CIA) hasabyna işleýändigini we şonuñ üçinem ABŞ-nyñ añsat-añsat Güleni Türkiýäñ eline berip goýbermejegini aýtdy. Rus deputaty Nikonow şeýle diýdi: «Bu gezekki döwlet agdarlyşygyna synanyşykda amerikanlaryñ eli bar. Güleniñ MRU-nyñ hasabyna işläp gelendigini we häzirem işleýändigini eýýäm bilmeýän ýok. Güleni yzyna beräýmezler. Şeýle-de, NATO-nyñ Warşawa ýygnanşygynda hiç kim Erdogan bilen elleşmedi. ABŞ-nyñ we NATO-nyñ ýolbaşçylarynyñ biri-de onuñ ýanyna gelmedi. Çünki Erdogan ýygnanşykdan üç gün öñ Putin bilen ýaraşypdy».




*Wýaçeslaw Nikonow*
Döwlet agdarlyşygyna synanyşyk hakda jedeliñ giden rus döwlet teleýaýlymy «РОССИЯ-1»-de efire berilen «Воскресний вечер» gepleşiginde Russiýanyñ Ylymlar Akademiýasynyñ Gündogary öwreniş institutynyñ ylmy-barlaglar boýunça jogapkär işgäri Ruslan Gurbanowyñ aýdýan sözlerine serediñ: «Türk halky häzirki prezidenti we döwleti üçin aýaga galdy. Gülen jemagatyny MRU-nyñ özi döretdi. Güleniñ «Ýaşyl kart» almak üçin ýüztutmasynyñ ret edilmegi hakdaky kararyñ düzedilmegi üçin açylan derñew işine goldaw berenleriñ arasynda MRU-nyñ öñki işgärleri Jorj Fidas, Graham Fuller, ABŞ-nyñ Türkiýedäki öñki ilçisi Morton Abramowiç dagy bar».

- **GADYRDANYM ŞEÝLE DIÝIPDIR…**

Genrih Geýne «Kitaplaryñ ýakylýan ýerinde adamlaram ýakarlar» diýipdir.
Eger şeýle bolýan bolsa, Fethullah Güleniñ yzyna eýerýän jemendäniñ agzalary nämüçin onuñ kitaplaryny ýakýarlarka?
«Kitap iñ gowy dostdur, şu gün üçinem we soñam…» diýen iñlis şahyry Martin Farkuar Tapper eýse bize nämäni düşündirjek bolduka?
Adam «iñ gowy dostuny» köçä, zibil ýaşşigine zyñyp bilermi?

Ýa-da peçde ýakyp bilermi?..



Mustafa BALKAN.
Sişenbe, 26.07.2016 ý. Publisistika